TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ

HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat

"Ylym" neşirýaty

2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

**Ogulmaýsa Amanmuhammedowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

**Maýa Çaryýewa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

# TÜRKMEN HALKYNYŇ ŞYGRYÝET ÄGIRDINIŇ DÖREDIJILIGINDE FILOSOFIKI GARAÝYŞLAR

Bütin dünýä ady dolan Gündogaryň akyldar şahyry, türkmen nusgawy şahyry Magtymgulynyň döredijiligi ata-babalarymyz tarapyndan müňýyllyklaryň dowamynda toplanan medeni mirasyň merjenidir. Häzir, asyrlar geçse-de, öz Watanyňy söýmäge, agzybirlige we doganlyga çagyrýan halkymyzyň beýik oglunyň şygyr setirleri öz wajyplygyny ýitirmän, ýüreklerde mynasyp orun alýar. Mälim bolşy ýaly, 2021-nji ýylyň fewral aýynda Türkmenistanyň Prezidenti «Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek hakyndaky» Karara gol çekdi. Karara laýyklykda, bu senäni bellemek boýunça guramaçylyk topary döredildi we onuň düzümi tassyklanyldy. Häzirki wagtda şanly senä uly taýýarlyk görülýär.

2024-nji ýylda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny dabaraly bellemek maksady bilen, guramaçylyk toparynyň döredilmegi, bu babatynda geçirilmeli çäreleriň Meýilnamasynyň tassyklanylmagy aýdylanlaryň aýdyň beýanydyr. Şunuň bilen baglylykda, geçen 2022-nji ýylda ýurdumyzyň öňe süren başlangyjy esasynda Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) hemişelik geňeşiniň mejlisinde Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli 2024-nji ýyly «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly», şeýle hem gadymy Änew şäherini 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýip yglan etmek baradaky kabul eden çözgütleri halkymyzyň milli gymmatlyklarynyň dünýäde ykrar edilýändigini tassyklaýar.

Bilşimiz ýaly, 2014-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy mynasybetli «Magtymguly – köňülleriň küýsegi» atly halkara ylmy maslahatyň hem-de çäreleriň giň toplumynyň ýokary derejede geçirilmegi şahyryň döredijilik mirasynyň dünýä derejesinde öwrenilmegine mynasyp goşant goşdy. Akyldaryň döredijiligi ynsanperwerlik, ahlaklylyk, gözellik ýaly düşünjelere esaslanmak bilen, olaryň kämillik ýolunyň türkmen ruhundan, medeniýetinden hem-de türkmeniň tebigatyndan gözbaş alýandygy baradaky netijä gelmäge itergi berýär.

Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň durmuş pelsepesine öwrülen ajaýyp şygyrlary, öňe süren taglymatlary, öwüt-ündewleri we ýörelgeleri bu gün millionlarça adamlaryň aňyna, ýüregine hem-de duýgularyna örän oňaýly täsir edip, mertligiň we gaýduwsyzlygyň özboluşly şygaryna öwrüldi.

Magtymguly Pyragynyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren baý hem-de gymmatly edebi mirasyny, dünýewi garaýyşlaryny, şygyrlaryndaky pelsepe älemini, XVIII–XIX asyrlarda türkmen durmuşyna ýetiren uly täsirini ylmy esasda öwrenmek möhümligine galýar. Şu nukdaýnazardan, bu senäni bellemegiň aýratyn ähmiýeti bardyr. Şahyryň döredijiliginiň türkmen, şol sanda tutuş Gündogaryň ylmy-medeni durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşygyny döwrebap sanly tehnologiýalaryň üsti bilen açyp görkezmek, şahyrana dünýäsine halkara ylmy-edebi jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmek maksady bilen bellenilýän şanly sene dünýä alymlaryny özüne çekýär [1, 15 s.].

Magtymguly – bu bütin türkmenler üçin, damarlarynda türkmen gany joşýan çeper sözüň muşdaklary üçin iň mähriban, iň guwançly, iň buýsançly at. Belli rus gündogary öwrenijisi W.Bartoldyň belleýşi ýaly, bütin Merkezi Aziýa halklarynyň arasynda diňe türkmenlerde milli şahyr bolupdyr, ol hem Magtymgulydyr. Şirinden-şirin şygyrlarynyň üsti bilen pelsepewi garaýyşlary halkyna bagyş eden Magtymguly Pyragynyň goşgularyndaky ynsanperwer pikir-garaýyşlar asyrlar geçse-de gymmatyny ýitirmeýär.

*Magtymguly, sözle her ne bileniň,*
*Özüňe kemlik bil aýtman öleniň,*
*Taraşlap, şaglatgyl köňle geleniň,*
*Senden soňkulara ýadygär bolar* [3, 56 s.].

Şahyryň halkymyza miras goýan edebi hazynasyny ylmy esasda seljermek, onuň syrdan doly şygyrlarynyň pelsepewi esaslaryny açyp görkezmek üçin türkmen alymlary ençeme işleri alyp barýarlar. Şunuň bilen baglylykda, akyldar şahyryň şygyrlary giňden öwrenilýär we onuň many-mazmuny halk köpçüligine yzygiderli ýetirilip durulýar.

Gyrgyz halkynyň beýik ýazyjysy Çingiz Aýtmatow «XVIII asyr Magtymguly Pyragynyň asyry» diýip belläp geçdi. Bu hakykatdan hem şeýle. Merkezi Aziýada, Gündogarda, galyberse-de, tutuş dünýäde poeziýanyň altyn hazynasyna öz şygyrlary bilen girmegi başaran akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döreden goşgulary ýene-de birnäçe ýüzýyllaryň dowamynda okalmagyny dowam eder. Magtymguly Pyragy özüniň jöwher paýhasyndan dörän şygyrlarynda, esasan, terbiýeçilik, watançylyk temalaryna uly üns beripdir. Türki halklarynyň hem şahyry hasap edilýän Magtymgulynyň goşgulary dünýä dilleriniň birnäçesine terjime edildi. Türkmenleriň asyllylyk, ynsaplylyk mirasyny nesillerden-nesillere geçirmek beýik söz ussadynyň galdyryp giden şöhratly mirasyny

hemmetaraplaýyn çuňňur öwrenmäge hem-de olary dünýä ýaýmaga has-da giň mümkinçilikler döretdi.

Mälim bolşy ýaly, dana şahyryň döredijilik örüsi örän giň bolupdyr. Onuň paýhas ummanynyň baý edebi mirasynyň agramly bölegini watansöýüjilik, ynsanperwerlik, durmuşy meseleler, ahlaky we terbiýeçilik öwüt-ündewler tutýar. Beýik akyldar halka öwüt-nesihat bermegi özüniň mukaddes borjy hasaplapdyr. Şahyryň parasatly hem dana sözleri nakyllara, atalar sözüne öwrülip, il arasynda henize-bu güne çenli dilden düşmän gelýär. «Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär», «Adam ogly bäş gün duza myhmandyr», «Ömür saly artar alkyş alanyň», «Kemlik eýle, kemal bar, // Menlik etme, zowal bar» ýaly şygra siňen pähimleri bu günki gün halkyň kalbynda ýaşaýar. Şahyryň şygyrlarynyň çeper we täsirli bolmagy onuň türkmen diliniň sözlük goruny ussatlyk bilen ýerlikli ulanmagyndadyr.

Şahyryň döredijiligi her bir ynsana, şol sanda ýaşlara terbiýe mekdebidir. Onuň eserlerinden Watany söýmek, gözümiziň göreji deý goramak, il-halka, ýurda mydama peýda getirjek işleriň başyny tutmak, her bir ynsana hormat goýmak, gerek ýerinde olara goldaw bermek, haýyr-sahawat bilen meşgullanmak ýaly ýokary ahlak sypatlary eriş-argaç bolup geçýär. Şahyr:

*Ýagşylykda ile özün tanydan*
*Alkyş alyp, derejesi zor bolar* [3, 43 s.].

– diýen setirlerinde çuňňur pähim-parasatlylyk bilen, il içinde haýyr işlere meşgul bolup tanalan ynsanlaryň durmuşda hemişe mertebeli bolýandygyny juda belentlik bilen nygtap geçýär.

*Goç ýigidiň işi söhbet-saz bolar,*
*Köňli gyş bolmaýyn, daýym ýaz bolar,*
*Ýagşynyň köňlünde kine az bolar,*
*Ýamanyň her günde uruşyn görüň* [3, 38 s.]!

Bu setirleriň üsti bilen bolsa şahyr ýagşy, päli-niýeti düzüw adamyň köňlünde kine saklamaýandygyny, ýagşylaryň hemişe beýlekilere-de nusga bolýandygyny ussatlyk bilen suratlandyrýar. Durmuş manysynyň çägi ýokdur, ol her kimiň görüp bilşine, düşünişine baglydyr. Magtymguly Pyragy bolsa ömrüň manysyny bakylygyň öňündäki borç diýip kesgitläpdir. Şol borç bolsa şahyryň her setirinde öz beýanyny tapýar.

Ynsanyýet tebigat bilen aýrylmaz baglydyr. Adam dünýä inip, tebigaty ähli durky bilen duýup başlaýar. Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň hem tebigatda bolup geçýän hadysalara ir düşünip başlamagynda, ylahy zehininiň ýitileşmeginde onuň dünýä inen ýeriniň dagyny, düzüni, derýalaryny, derelerini, sährasyny, jülgelerini, baý haýwanat we ösümlik dünýäsini düzýän özboluşly tebigy aýratynlyklaryň täsiri uludyr. Şu nukdaýnazardan, şahyryň döredijiliginde aýratyn

orun eýelän durmuş we watançylyk garaýyşlarynyň içinden tebigat filosofiýasy eriş-argaç bolup geçýär.

Tebigat we onuň gözellik dünýäsi, adam bilen tebigatyň arasyndaky baglanyşyk baradaky çeper filosofiýa asyrlarboýy türkmen edebiýatynyň üns merkezinden düşmän, ýyllarboýy taraşlanyp, şu günlerimize çenli kämilleşip gelipdir. Magtymguly hem öz döredijiliginde durmuşy berkarar etmek, adamlaryň bagtly durmuşda ýaşamaklary baradaky arzuw-hyýallaryny tebigatyň janly dünýäsiniň üsti bilen beýan etmegi başarypdyr. Akyldaryň şygyrlarynda daşky gurşawy düzýän zatlara diňe bir maddy gymmatlyk däl-de, ruhy gymmatlyk hökmünde garalmagy bolsa, jemgyýetiň tebigata we tebigy baýlyklara bolan söýgüsini has-da çuňlaşdyrýar.

Şahyryň öz döwründe köp sebitleri aýlanandygyny, onuň dürli ýurtlarda bolup, ol ýerleri synlap, özüniň dünýägaraýşyny baýlaşdyrandygyny ylmy maglumatlar tassyklaýar. Magtymgulynyň: «Bagdatda gyş bolmaz, Gyrgyzda tomus, // Bulgaryň şähriniň ýassysy bolmaz» ýaly setirleri bolsa, akyldaryň dürli sebitlere aýlanmak bilen bir hatarda, şol ýerleriň tebigy aýratynlyklaryny öz setirleriniň üsti bilen halka ýetirendigine şaýatlyk edýär.

Gözel tebigatymyzyň ösümlik we haýwanat dünýäsini, olaryň görnüşlerini içgin öwrenmekde, tebigy serişdeleri netijeli peýdalanmakda, ýaş nesillerde watansöýüjiligi, tebigata bolan söýgini ýokarlandyrmakda şahyryň döredijiligi aýratyn ähmiýetlidir. Akyldaryň bu garaýyşlary ýurdumyzda türkmen alymlarynyň ýaş nesliniň kemala gelmegine hem goşant goşýar.

Üstünligiň manysy maksadyňa ýetmekdedir. Maksadymyz bolmasa, deňziň ortasynda haýsy tarapa ýüzjegini bilmeýän gämi mysalydyrys. Şonuň üçin hem üstünlik gazanmak isleýän her bir kişiniň öňde goýýan maksady bolmalydyr. Sebäbi maksatsyz, niýetsiz amalyň soňy puçdur. Bu barada Magtymguly Pyragy şeýle diýýär:

*Söz bilmeseň, bileniňi aýtmasaň,*
*Söz sözledip, söz aslyna ýetmeseň,*
*Ýaý çekeňde dogry garap atmasaň,*
*Ol okuň nyşanaň ýanyna degmez* [3, 25 s.].

Bu şygyr setirlerindäki «ýaýyň dogry çenelmegi» ynsanyň edýän her bir işiniň ony öz öňünde goýan bitewi maksadyna ýetirip-ýetirmeýändigi bilen baglanyşyklydyr. Biz her bir işe başlanymyzda şol işiň asyl maksadymyza ýetmekdäki geçilmeli ýoldugyny ýa-da däldigini seljermelidiris. Eger-de bu bizi maksadymyzdan daşlaşdyrýan bolsa, onda beýle işler üçin wagtymyzy sarp etmeli däldiris. Mundan başga-da, ok atylanda ýaý gerilýär. Atjak okumyzyň näçe uzaga gitmegini islesek, biz ýaýy şonça-da germelidiris. Bu ýerde ýaýyň gerilmegi ynsanyň öz-özünden edýän talaby, maksadyna wepalylygy, özüne erk etmegi bilen bagla-

nyşyklydyr. Şahyryň il-günümize galdyryp giden şahyrana hazynasyny ylmy esasda seljermek, onuň pelsepewi esaslaryny açyp görkezmek üçin türkmen alymlary tarapyndan uly işler alnyp barylýar. Häzirki döwürde beýik akyldaryň şygyrlary giňden öwrenilýär, onuň baý many-mazmuny gazet-žurnallaryň, teleradioýaýlymlarynyň üsti bilen halk köpçüligine ýetirilýär. Aýratynam, akyldar şahyrymyzyň baryp XVIII asyrda aýdan nesihatlary, öwüt-ündewleri bu gün ýaşlarymyzyň uly durmuş mekdebine öwrüldi.

Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň nusgawy edebiýatynyň – milli şygryýetiň altyn eýýamynyň parlak ýyldyzydyr. Dana Pyragy müňýyllyklardan bäri hoşniýetliligi, parahatçylyksöýüjiligi, açyklygy, kalbynyň giňligi we jomartlygy bilen tapawutlanýan türkmen halkynyň synmaz edebi sütünleriniň biridir. Şahyryň:

*Hyzyr gezen çölde iller ýaýylsyn,*
*Ýurt binamyz gaýym bolsun, goýulsun* [3, 54 s.].

– diýen setirleri bu gün öz öwüşgini hakykata öwrüldi. Mähriban Watanymyzyň özbaşdaklygyny islän şahyr arzuwlary bu gün hasyl boldy. Ýurt binamyz gaýym gurlup, eziz Watanymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda beýik sepgitler bilen aýdyň maksatlar tutuldy. Bu gün at-owazasy dünýä dolan türkmen halkymyzyň arzuwlary maksat tutup, şöhratly menzillere beslenýär. Döwletimiziň dünýä ýurtlarynyň arasynda iň öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna goşulmagy, Diýarymyzyň asuda, parahatsöýüji ýurda öwrülmegi her bir türkmen raýatlarynyň ýüreklerini gobsundyrýar.

Ak mermerli paýtagtymyzyň günorta böleginde Pyragynyň medeni-seýilgäh toplumynda beýikligi 60 metre deň bolan heýkeli uzaklara nazar salyp dur. Magtymguly Pyragynyň heýkeline gözüň düşende bolsa şahyryň:

*Aýdadyr Magtymguly, asal ermişdir dillerim,*
*Arş içre mekan tutan ajap dessanym bar meniň* [4. 32 s.].

– diýen setirleri ýadyňa düşüp, ata Watanymyza, agzybir halkymyza, asal tilli şahyrymyza bolan buýsanjyň goşalanýar.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – A.: TDNG, 2020.

2. *Magtymguly*. – A.: TDNG, 2008.

3. *Magtymguly*. Saýlanan eserler. – A., 1959.

4. *Magtymguly*. Saýlanan eserler. – A., 1993.